***Ýaş nesiller döwletimiziň we dünýäniň geljegi, bagtyýar durmuşymyzyň görki, maşgala binýadynyň örki hasaplanylýar. Eziz Watanymyzyň şöhratly sene ýazgysyndaky beýik başlangyçlarda, şanly özgertmelerde, rowaçlygyň ýolundaky ynamly ädimlerde türkmen ýaşlarynyň hem mynasyp paýy bar.***

Ýurdumyzda ýaş nesliň ýokary derejede bilim-terbiýe almagy bilen birlikde, tomusky we gyşky dynç alyş möwsümlerinde dünýä ülňülerine laýyk gelýän çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde wagtlaryny şadyýan hem-de manyly geçirmekleri üçin hem ähli şertler döredilendir. Dünýäni haýrana goýýan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda, Gökdere jülgesinde hem-de ýurdumyzyň beýleki sebitlerinde ýerleşýän sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde çagalarymyzyň müňlerçesi dynç alyp, öz saglyklaryny berkidýärler. Şu günlerde bolsa ýaş nesiller tomusky dynç alyş möwsüminde çagalyk dünýäsiniň iň ajaýyp pursatlaryny başdan geçirip, täze güýç bilen täze okuw ýylyna taýýarlanýarlar.

Ýaşlar biziň ertirki günümizi kesgitleýändirler. Nesil hakyndaky alada geljege ädilen batly gadam, bagtyýar geljegimizdir. Sagdyn, ruhubelent, edepli-ekramly nesilleriň ýörejek nurana ýollary şu günki beýik işler bilen binýat bolýar. Çagalarymyzyň zähmetsöýer, maksada okgunly bolup ýetişmegini gazanmak hem özümize baglydyr. Biziň öňümizde ösüp gelýän ýaş nesliň arasynda ruhy-ahlak we medeni gymmatlyklarymyzy, milli däp-dessurlarymyzy wagyz etmek, sagdyn durmuş ýörelgelerini has-da rowaçlandyrmak, olarda watanperwerligi, zähmetsöýerligi terbiýelemek ýaly möhüm wezipeler dur. Munuň üçin biz gujur-gaýratymyzy gaýgyrmarys.

**Roza SAPAROW,**
**TMÝG-niň Darganata etrap Geňeşiniň**
**guramaçylyk bölüminiň Sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026